**BIRLEŞEN**
**MILLETLER GURAMASY** E

**YKDYSADY WE DURMUŞ GEŇEŞI**

Distr,
GENERAL

CEP|AC. 13/2005/3/Rev. 1
23 March 2005

ENGLISH/FRENCH/RUSSIAN

**ÝEWROPA YKDYSADY TOPARY**

**EKOLOGIÝA SYÝASATY BARADAKY KOMITET**

Daşky gurşawy goramak we bilim ministrlikleriniň
wekilleriniň ýokary derejedäki maslahaty
(Wilnýus, 2005-nji ýylyň Nowruz aýynyň 17 – 18-i)
(Gün tertibiniň 5-nji we 6-njy bentleri)

# DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBITLERINE BILIM ÜÇIN BMG-niň ÝYT-niň BAŞ UGRY

ýokary derejedäki maslahatda kabul edildi

## Meselelere göz ýetirilişi

Biziň geljege göz ýetirişimiz – bu adamlaryň, ýurtlaryň we nesilleriň arasynda deňligiň we özara hormatyň, agzybirligiň bitewi gymmatlyklaryna tarapdar sebitiň göz ýetirilişidir. Şeýle sebit üçin, geljekki nesilleriň öz isleglerini kanagatlandyrmak mümkinçiliklerine zyýan ýetirmän, häzirki nesilleriň isleglerini kanagatlandyrmak üçin, ykdysady ýaşaýşa ukyplylygy, adalatlylygy, durmuş agzybirligini, daşky gurşawyň goragyny we tebigy baýlyklary durnukly dolandyrmagy üpjün etmegi goşanyňda, durnukly ösüş häsiýetlidir[1].

[1] Seret. Daşky gurşaw we “Biziň umumy geljegimiziň” ösüşi baradaky halkara topar, 1987-nji ýyl.

GE. 05-30839

Bilim adam hukuklarynyň biri bolmakdan başga-da[2] ol durnukly ösüşi gazanmak üçin geljekki şertleriň biri we kararlary esasly kabul etmegiň we demokratiýany ösdürmegiň netijeli dolandyrmagyň möhüm guraly bolup hem çykyş edýär. Şeýlelikde, durnukly ösüşiň bähbitlerine bilim biziň göz ýetirişimiziň hakykata öwrülmegine ýardam edip biler. Durnukly ösüşiň bähbitlerine bilim aýry-aýry adamlaryň, toparlaryň, birleşikleriň, guramalaryň durnukly ösüşde öz garaýşyň bolmak we saýlamak mümkinçiliklerini ösdürýär we pugtalandyrýar. Ol adamlara biziň dünýämizi has howpsuz, has sagdyn we durmuşyň hilini ýokarlandyryp, has gülläp ösýän etmek mümkinçilikleri berip, olaryň garaýyşlarynyň üýtgemegine ýardam edip biler. Durnukly ösüşiň bähbitlerine bilim tankydy pikirlenmäni üpjün edip we habardar edilenligiň ýokarlandyrylmagyna, şeýle hem täze çemeleşmeleri we taglymatlary işläp taýýarlamagyň mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna ýardam berip we olary durmuşa geçirmegiň täze usullaryny hem-de serişdelerini ösdürip biler.

## Giriş

1. Baş ugry taýýarlamaga mandat BMG-niň ÝYT-niň sebitiň daşky gurşaw ministrleriniň "Ýewropa üçin daşky gurşaw" bäşinji konferensiýasynda (Kiýew, 2003-nji ýylyň Magtymguly aýy) edilen ýüztutmada kesgitlenilendir. Baş ugurda sebitiň özünde nähili bolsa, dünýäde hem şonuň ýaly toplanylan tejribe beýan edilendir. Ol Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça (ÝGTESKO) taýýarlanylan Birleşen Milletler Guramasynyň durnukly ösüşiň bähbitlerine bilimiň Onýyllygyny amala aşyrmagyň meýilnamasynyň taslamasynyň esasy düzgünlerine goşant hem bolup durýar, oňa doly laýyk gelýär we Onýyllygy sebitleýin derejede geçirmek we durnukly ösüş boýunça ýokary derejedäki Bütindünýä duşuşygynyň kararlaryny amala aşyrmak üçin esas bolmaga niýetlenilendir.

2. Baş ugur hyzmatdaşlyk amallarynyň esasynda işlenilip taýýarlanylandyr, oňa hökümetler, bilim edaralary, HDG we BMG-niň ÝYT-niň gyzyklanýan beýleki wekilleri, şeýle hem halkara guramalar gatnaşdylar.

---

2 Seret. Durnukly ösüşiň bähbitlerine bilim hakynda Ýüztutma: "Ýewropa üçin daşky gurşaw" ministrleriniň bäşinji Konferensiýasy, Kiýew, 2003-nji ýyl.

3. Bu Baş ugur durnukly ösüşiň bähbitleriniň bilimine (DÖB) geçilmegine ýardam bermelidir we şonuň bilen birlikde biziň bütewi göz ýetirişimiziň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegine goşant bolup, BMG-niň ÝYT-niň sebtinde bu amallary höweslendirmelidir.

4. BMG-niň ÝYT-y sebitine medeni dürli görnüşe baý we dürli durmuş-ykdysady hem-de syýasy şertli ýurtlar girýär. Durnukly ösüşiň geljegi ep-esli derejde ýaşaýyş keşbiniň hem-de sarp etmegiň we öndürmegiň gurluşynyň üýtgemegine baglydyr, şol bir wagtda hem olar garyplygyň möçberlerini azaltmak möhüm mesele bolup galan ýurtlaryň isleglerini hormatlamak bilen baglanyşyklydyr.

5. Sebitde Baş ugry amala aşyrmak üçin diňe bir hemme şertler däl, eýsem ony durmuşa geçirmäge zerurlyk hem bar. Sebitiň köp ýurtlarynda hünärli mugallymlaryň işleýän ýerlerinde bilim ulgamlary döredilendir, başlangyç bilim almak üpjün edilendir we hemmeler üçin bilim almaga deňhukuklylygyň ýörelgeleri berjaý edilýär, sowatlylygyň ýokary derejesi gazanylandyr, ylmy güýç döredilendir we raýat jemgyýetiniň gatnaşmagy göz öňünde tutulandyr. Ýöne DÖB ýörelgelerini netijeli amala aşyrmak üçin täze wezipeleriň çözgüdi öňde durýar. DÖB-iň dersara häsiýetiniň olar tarapyndan göz öňünde tutulmagy üçin bilim ulgamynyň derejesini artdyrmak, raýat jemgyýetini çekmegi giňeltmek we institusional we maddy-tehniki goldawa barabar çekmek gerek.

## I. MAKSAT WE WEZIPELER

6. Şu Baş ugruň maksady DÖB-i ösdürmäge we onuň özleriniň resmi bilim, şeýle hem resmi däl bilim we magaryf ulgamyna ähli degişli okuw dersleriniň çäginde goşulmagyna BMG-niň ÝYT-nyň agza döwletlerini höweslendirmekden ybaratdyr. Meselä beýle çemeleşmek adamlary durnukly ösüş ugurda bilimler we ýörite başarnyklar bilen ýaraglandyrar, olaryň ygtyýarlylygyny we özüne ynamlylygyny artdyrar, şeýle hem olaryň tebigat bilen sazlaşykda sagdyn we netijeli durmuş keşbini ýöretmek mümkinçiliklerini giňelder[3] we durmuş gymmatlyklary, jynslaryň we medeni köp görnüşliligiň deňhukuklylygy hakyndaky aladany ýüze çykarar.

---

[3] Daşky gurşaw we ösüş boýunça Rio-de-Žaneýro jarnamasynda adamlar hakyndaky alada durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça tagallalarda görnükli orun eýeleýär we olaryň tebigat bilen sazlaşykda sagdyn we netijeli durmuşa hukuklary bardyr diýlip aýdylýar (seret Durnukly ösüş boýunça ýokary derejedäki Bütindünýä duşuşygynyň kararlaryny ýerine ýetirmegiň Meýilnamasy, BMG, 2002-nji ýyl).

7. Şu maksadyň amala aşyrylmagyna goşant goşýan bu Baş ugruň wezipeleri aşakdakylar bolup durýar:

a) syýasatyň usuly, kadalaşdyryjy-hukuk binýat we guramaçylyk esaslar DÖB-e daýanç bolup hyzmat etmegini üpjün etmek;

b) resmi we resmi däl bilimiň we magaryfyň üsti bilen durnukly ösüşe ýardam bermek;

g) mugallymlaryň okadýan derslerine durnukly ösüşiň meselelerini goşmaga mümkinçilik berýän bilimleriň olar tarapyndan özleşdirilmegi;

d) DÖB-i boýunça okuw serişdeleriniň we okuw-usulyýet gollanmalarynyň elýeterliligini üpjün etmek;

c) DÖB-i ulgamynda ylmy barlaglara we DÖB-iň ösdürilmegine ýardam bermek;

f) BMG-niň ÝYT-nyň sebtiniň çäklerinde ähli derejelerde DÖB ulgamynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak.

## II. ÖZ IÇINE ALMAK

8. Baş ugur BMG-niň ÝYT-niň gyzyklanýan-agza döwletler tarapyndan kabul ediler. Sebtiň daşyndaky döwlet hem oňa eýermäge çagyrylýar.

9. Baş ugur hökümetlere gönükdirilen: ol mugallymlaryň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagy bilen bilime we okatmaga durnukly ösüşiň meselelerini goşmak boýunça syýasaty işläp taýýarlamaga we çäreleri taýýarlamaga dahylly esasnamalary we teklipleri içine alýar. Durnukly ösüşiň bähbitlerine bilimde ýerli, içki millet, millet we sebitleýin şertleri nazara almagyň gerekligi üçin, ol ýurda we bilim ulgamyna baglylykda durnukly ösüşiň dürli jähtlerini dürlüçe beýan etmäge mümkinçilik berýär. Baş ugur ýurtlaryň artykmaçlyklary we olaryň isleglerini we şertlerini hasaba almak bilen kabul

edilýän başlangyçlar onuň durmuşa geçirilmegine täsir edýär diýip, şol ýagdaýy hasaba almak bilen sebtiň ýurdy üçin çeýe esas bolup hyzmat eder.

10. Baş ugur DÖB-e maddy we adam serişdelerini goýmagy höweslendirmek bilen birlikde, pudagara[4], köp taraplaýyn hyzmatdaşlygy we hyzmatdaşlygy höweslendirýär.

11. Baş ugra “Bilim hemeler üçin: biziň umumy borçnamalarymyzy ýerine ýetirmek”[5] resminamanyň esas goýujy düzgünleri goşulandyr.

12. Baş ugurda tebigaty goraýyş we aragatnaşyk, bilim babatda beýleki degişli köptaraply ylalaşyklary, jemgyýetçiligiň gatnaşmagyny we onuň habarlylygyny ýokarlandyrmagy amala aşyrmagyň düzgünleri saklanylýar. Ol Orhus Konwensiýasynyň[6], daşky gurşaw we ösüş baradaky Rio-de-Žaneýro jarnamasynyň, ýörelgeleriniň, Birleşen Milletler Guramasynyň müňýyllygyň jarnamasynyň ösüş maksatlarynyň[7] we jemgyýetçiligiň gatnaşmagyny we onuň öňünde hasabatlylygy, şeýle hem adamlaryň mümkinçiliklerini giňeltmegi göz öňünde tutýan Kararlary kabul etmek amallarynyň aýdyňlygyny höweslendirmek ýoly bilen oňat hilli bilim baş ýörelgesiniň[8] durmuşa geçirilmegine goldaw bermelidir.

---

[4] Döwlet edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk.

[5] Hereket etmegiň Dakar çäkleri, ÝUNESKO. 2000-nji ýyl.

[6] BMG-niň ÝYT-niň daşky gurşawa dahylly meseleler boýunça kararlary kabul etmek amallaryna jemgyýetçiligiň gatnaşysynyň maglumatlaryna we adalatlylyga ygtyýarlyk hakyndaky konwensiýa, Orhuş. (Daniýa), 1998-nji ýyl.

[7] Birleşen Milletler Guramasynyň müňýyllygyň jarnamasy, Baş Assambleýa, 8-nji umumy mejlis, 2000-nji ýyl.

[8] Bilim ministrleriniň bilelikdäki resmi maglumaty, ÝUNESKO-nyň 32-nji Baş konferensiýasy, 2003-nji ýyl.

# III. ÝÖRELGELER

13. “Durnukly ösüş” (DÖ) düşünjesiniň üýtgeýän ähmiýetine seretmek gerek. Şoňa görä durnukly jemgyýetiň ösüşine dogry jogaplaryň we kararlaryň toplanyşyna görä üýtgäp biljek ýerinde okatmagyň meseleleri we dilemleri barlamagyň üznüksiz amaly hökmünde düşünmeli. DÖB-iň çäklerinde okatmagyň maksatlary bilimleri giňeltmegi, ýörite başarnyklary, intellekti ösdürmegi, durmuş garaýyşlaryny we gymmatlyklaryny kemala getirmegi içine almalydyr.

14. DÖB entegem özaralarynda baglanyşykly ekologiýa, ykdysady we durmuş meselelerini içine alýan giň we uly möçberli baş ýörelge hökmünde kemala gelmegini dowam etdirýär. Ol ekologik bilimiň (EB) baş ýörelgesini giňeldýär, ol has uly derejede ösüşiň meseleleriniň giň toparyna salgylanýar. DÖB ösüşiň meseleleri boýunça bilimiň dürli elementlerini we bilimiň beýleki mowzuklaýyn görnüşleriniň elementlerini hem içine alýar. Şoňa görä ekologik bilimi mundan beýläk hem ösdürmek we durnukly ösüş bilimine toplumlaýyn çemeleşmegiň çäklerinde beýleki ulgamlardaky bilimler bilen üstüni ýetirmek gerek.

15. Hususan-da, garyplygyň möçberlerini azaltmak, raýatlyk, parahatlyk, ahlaklylyk, çäkli we uly baglanyşyklykda jogapkärçilik, demokratiýa we dolandyrmak, adalatlylyk, howpsuzlyk, adam hukuklary, saglygy goraýyş, jynslaryň deňhukuklylygy, medeni köpgörnüşlilik, oba we şäher etraplaryny ösdürmek, ykdysadyýet, önümçilik we sarp ediş gurluşy, korporatiw jogapkärçilik, daşky gurşawyň goragy, tebigaty baýlyklary dolandyrmak we biologik we landşaft köp dürlülik[9] DÖ-iň esasy mowzuklary bolup durýar. DÖB-iň çäklerinde şeýle köp dürli mowzuklara seretmek maksatlaýyn çemeleşmegiň peýdalanylmagyny talap edýär[10].

16. DÖB-i amala aşyrmagyň barşynda şu ulgamlara seretmeli: başlangyç bilimi kämilleşdirmek, durnukly ösüş bilimi ugura täzeden ugur almak, jemgyýetçiligiň habarly edilenligini ýokarlandyrmak we hünäre taýýarlamagy sylaglamak[11].

---

9 Durnukly ösüş maksatlar bilen bilimiň Onýyllygyny amala aşyrmagyň meýilnamasynyň taslamasynyň esasy düzgünlerine hem seret, ÝUNESKO, 2003-nji ýyl.

10 Durnukly ösüşiň bähbitlerine bilim hakynda Beýanama hem seret.

11 XXI asyryň gün tertibine hem seret.

17. DÖB-iň çäklerinde dürli medeniýetlere hormaty we olara düşünmegi terbiýelemeli, şeýle hem olar tarapyndan goşant goşulmagyny beýan etmeli. Ýerli halklaryň ornuny ykrar etmek we olary bilim maksatnamalaryny işläp taýýarlamak amallaryna hyzmatdaşlar hökmünde çekmek gerek. DÖB-iň düzüm bölegi hökmünde däbe öwrülen bilimi saklamaly we ähmiýeti boýunça baha bermeli.

18. Ähli derejelerdäki okuwçylarda ulgamlaýyn, tankydy we döredijilikli pikirlenmäniň ösüşiniň uly meseleleriň ýüze çykyp biljek ýeri bolan durmuşa gatnaşygyny sylaglamaly; bularyň ählisi durnukly ösüşiň işi üçin gerekli şert bolup durýar[12].

19. DÖB – bu çagalykdan başlap, ýokary bilim alýança bütin ömrüň dowamynda dowam edýän amaldyr we uly ýaşlylar üçin bilimdir, resmi bilimiň çäginden daşary hem çykýar. Gymmatlyklaryň ulgamy, durmuş keşbi bolanlygyna we durmuş kesgitlemeleriniň irki ýaşda kemala getirilýändigine görä çagalar üçin bilim aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Biziň durmuşymyzyň dowamynda biz dürli wezipeleri ýerine ýetirmek bilen meşgullandygyzça okuw geçýär diýip şony hasaba alyp, DÖB-e durmuş çygrynyň ähli elementlerini içine alýan amal hökmünde seretmelidiris. Ähli derejelerdäki okuw maksatnamalaryna hünär bilimi, mugallymlary taýýarlamagy we hünärmenler we ýolbaşçylar üçin üznüksiz bilimi goşup, onuň çäkli goşulmagyny gazanmaly.

20. Ýokary bilim bilimiň degişli ýüküni we ygtyýarlylygy kemala getirmek işinde DÖB-e düýpli goşant goşmalydyr.

21. DÖB işinde dürli ýerli, milli we sebitleýin şertleri, şeýle hem uly we ýerli bähbitleriň arasynda deňagramlylygy gazanyp, uly baglanyşygy nazara almaly.

22. ÖB bilime elýeterligi giňeltmek we onuň hilini ýokarlandyrmak ýoly bilen oba we şäher etraplaryny ösdürmäge hem goşant goşup bilerdi. Ol oba etraplarynyň ilatyna aýratyn peýda getirerdi.

23. Häzirki we geljekki nesilleriň deňlik, raýdaşlyk, özara baglanyşyklylyk, şeýle hem adam bilen tebigatyň, garyplyk bilen baýlygyň arasyndaky özara

---

[12] Durnukly ösüşiň bähbitlerine bilim hakynda Beýanama hem seret.

gatnaşyklaryň meselelerini goşup, ahlaklylyk çygyrlara seretmek durnukly ösüş baş ýörelgesiniň merkezinde durýar we şeýlelikde, DÖB üçin örän möhüm ähmiýeti bardyr. Jogapkärçilik duýgusy ahlaklylykdan bölünmezdir we DÖB üçin iş ýüzündäki ähmiýete eýe bolýar.

24. Resmi DÖB-iň mazmunynda toplanylan durmuş tejribesi bilen mekdebiň daşyndaky işi bütewi utgaşdyrmaly. DÖB-e çekilen mugallymlar[13] bu amallara ýardam bermekde bir tarapdan, okuwçylar bilen talyplaryň, beýleki tarapdan hem häkimiýetler bilen raýat jemgyýetiniň[14] arasyndaky gepleşigi höweslendirmekde esasy wezipäni ýerine ýetirýärler. DÖB-iň şeýle gönükdirilenligi özüniň jemgyýetden üzňeligini ýeňip geçmäge bilim ulgamyna mümkinçilik berýär.

25. DÖB-i pikir alyşmakda özara hormatlamagyň medeniýetini ösdürmegiň başlangyjyny içine alýar we kararlary kabul etmek işinde, onuň netijesinde diňe maglumatlary almaga gönükdirilen nygtamak usulyndan, okatmagyň işjeň usullarynyň[15] has giňden durmuşa ornaşdyrylmagyna çalşyrylmagy bolup geçýär. Şuňa baglylykda gepleşigiň we toplumlaýyn çemeleşmäniň esasynda syýasaty emele getirmekde we kararlary kabul etmekde DÖB-iň goşandyny ykrar etmeli. Jemgyýetçiligiň gatnaşmagyna esaslanan demokratik başlangyçlary[16] ösdürmekde we güýçlendirmekde DÖB-iň hyzmatyny, hususan-da jemgyýetde gapma-garşylyklary çözmekde we adalatlylygy gazanmakda, şol sanda “XXI asyr üçin gün tertibi” ýerli ugur boýunça onuň goşandyny hem hasaba almaly.

26. DÖB üçin köptaraply hyzmatdaşlygy we aragatnaşygy ýola goýmak gerek. Hökümet we dolandyryşyň ýerli edaralary, bilim we ylym bölümçeleri, saglygy goraýyş bölümçesi, hususy bölümçe, senagat, ulag we oba hojalygy, kärdeşler arkalaşyklary, habar beriş serişdeleri, hökümete dahylsyz guramalar,

---

13 Mugallymlar, lektorlar, maslahatçylar we mugallymçylyk işi bilen meşgullanýan ähli beýleki hünärmenler, şeýle hem meýletin başlangyçlarda işleýän terbiýeçiler mugallymlar bolup durýar.

14 Durnukly ösüşiň bähbitlerine bilim hakyndaky Beýanama hem seret.

15 Saloniki jarnama: Saloniki, Gresiýa, 1997-nji ýyl. Birnäçe ýurtlarda “durmuş okuwy” adalgasy okatmagyň işjeň usullary manysynda ulanylýar.

16 XXI asyr üçin gün tertibi

dürli birleşikler, ýerli halklar we halkara guramalar onuň esasy subýektleri bolup durýarlar.

27. DÖB-de köptaraply tebigaty goraýyş ylalaşyklary we DÖ dahylly degişli halkara ylalaşyklary deýanyny tapmalydyr.

## IV. BILIME TÄSIR ETMEK

28. DÖB esasy ünsi bilimleri üpjün etmekden meseleleriň işlenilip geçilmegine we mümkin bolan çözgütleriň gözlenilip tapylmagyna täzeden ugur almagy talap edýär. Şeýlelikde, bilimde aýratyn dersleri okatmakga däp bolan nygtap aýtmagy saklamaly, şol bir wagtda hem hakyky durmuş ýagdaýlaryny köptaraply we dersara seljermek üçin mümkinçilikleri açmaly. Bularyň hemmesi mugallymlardan diňe beriji bölegiň wezipesini ýerine ýetirmekden, okuwçylardan bolsa diňe alyjylaryň wezipesini ýerine ýetirmekden ýüz öwürmegini talap edip, okuw maksatnamalarynyň gurluşyna we okatmagyň usullaryna täsir edip biler. Onuň ýerine olar bilelikde hereket etmeli.

29. Resmi bilimiň döredilmegi bilim berip we durmuş garaýyşlaryny we özüňi alyp barmagy kemala getirmäge täsir edip, irki ýaşdakylaryň başarnyklaryny ösdürmekde möhüm hyzmaty ýerine ýetirýär. Ähli okuwçylaryň we talyplaryň DÖ hakynda degişli bilimleri almaklaryny we durnukly ösüş bilen garşy gidýän kararlaryň täsiri hakynda habarly bolmaklaryny gazanmak möhümdir. Umuman, islendik bilim edarasy, okuwçylary we talyplary, mugallymlary, edara edijileri we beýleki işgärleri, şeýle hem ata-eneleri goşanyňda-da DÖ-iň ýörelgelerini goldanmalydyr.

30. DÖB-iň çäklerinde resmi däl bilim we magaryf ulgamynda, ol uly ýaşlylary okatmak meýilinde soňky nobatdaky bolmadyk resmi bilimiň üstüni ýetirýän möhüm element bolup durýanlygyna görä, işlere kömek bermegi möhümdir. Resmi däl DÖB okuwçylaryň isleglerine, okatmagyň işjeň usullaryny peýdalanmaga we durmuşuň bütin dowamynda endikleriň kämilleşdirilmegine ýardam etmäge uly derejede salgylanmaga berýän mümkinçiliginiň seýrek dälligine görä aýratyn orun eýeleýär. Iş ýerlerdäki bilim iş berijiler nähili bolsa, hakyna tutma boýunça işleýänleriň hem şonuň ýaly hünär taýdan ösmegine ýardam berýär. Şuňa görä DÖB-e çekilen ähli görnüşdäki, dürli subýektleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy ykrar etmeli we höweslendirmeli.

31. Mugallymlaryň ilkibaşka barabar hünär taýýarlygy we gaýtadan taýýarlygy we tejribe alyşmak üçin, olar üçin mümkinçilikleriň döredilmegi, DÖB-iň üstünligini üpjün etmek üçin aýratyn möhüm ähmiýeti bardyr. Has ýokary habardar edilenlige we durnukly ösüşiň mowzugy boýunça hususan-da olaryň işiniň ulgamyna degişli DÖ-iň jähtleri hakynda giň bilimlere eýe bolup, mugallymlar uly güýç bilen işläp we öz göreldesinde öwredip bilerler. Hünär taýýarlygyny DÖ ulgamynda ylmy-barlag işleriniň degişli netijeleri bilen hem has berk baglanyşdyrmaly.

32. DÖB ulgamynda okatmakda nähili bolsa, okuwçylar tarapyndan bilimleriň ele alnyşynda hem şonuň ýaly üstünlik ep-esli derejede okuw-usulyýet materiallarynyň mazmunyna, hiline we barlygyna baglydyr. Ýöne şeýle materiallar ýurtlaryň hemmesinde ýokdur. Bu mesele resmi bilimiň, şeýle hem resmi däl bilimiň we magaryfyň ähli bölümçeleri üçin möhümdir. Şoňa görä şeýle materiallary işläp taýýarlamak we köpeltmek üçin uly tagallalary etmeli. Resmi we resmi däl bilim ulgamlarynda peýdalanylýan okuw-usulyýet materiallarynyň mazmunynyň bütewligini höweslendirmeli, şonuň bilen birlikde, wezipe olaryň DÖ-i mowzugyna laýyk gelmegini we ýerlerde elýeterli bolmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

33. Netijeli bolmak üçin DÖB şeýle bolmalydyr:

a) iki jähtden seredilmelidir: i) ähli degişli okuw dersleri, maksatnamalary we ugurlar DÖB-iň mowzuklary bilen deňleşdirmek arkaly; ii) anyk mowzuklaýyn maksatnamalar we ugurlar boýunça sapaklary guramak arkaly;

b) durnukly özüňi alyp barmagyň kemala getirilmegine ýardam berýän, hususan-da bilim edaralarynda, iş ýerlerinde, maşgalada we jemgyýetde okatmagyň oňyn tejribesine aýratyn üns bermek;

ç) mugallymlar bilen jemgyýetçiligiň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň arasynda hyzmatdaşlygy we ýakyn aragatnaşygy berkitmek. Bilim işlerine hususy bölümçäniň we senagatyň çekilmeginiň güýçlendirilmegi tehnologiýalaryň güýçli ösüşi we zähmet şertleriniň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleriň çözülmegine ýardam eder. Okuw işi bilen jemgyýetçilik durmuşynyň arasynda berk aragatnaşygyň ýola goýulmagy okuwçylara goşmaça iş tejribäni almaga mümkinçilik berýär;

d) durmuş tapgyryny düşündirmek we diňe bir daşky gurşawa täsire däl, eýsem tebigata nähili bolsa, daşky gurşawyň antropogen üýtgemegine hem şonuň ýaly seredip, durmuş-ykdysady netijelere aýratyn üns bermek bilen uly möçberli, sebitleýin, milli we ýerli ekologik meseleleriň manysyna düşünilmegine ýardam bermek;

e) okatmagyň usullaryny, hususan-da işjeň usullary, okuwçylaryň isleglerine uýgunlaşdyrylan anyk amallara we çözgütleri tapmaga ugur alnan usullaryň giň görnüşini peýdalanmak. Adaty usullaryň gapdaly bilen, hususan-da, çekişmeleri, konseptual kartalary we dünýä pelsepewi akyl ýetirmegiň, kabul etmegiň kartalaryny döretmegi, gymmat bahaly derejeleri, rollaýyn we öýkünjeň oýunlary düşündirmegi, ösüşleriň, nusgalaşdyrmagyň, oýunlaryň, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryň (MAT), barlaglaryň, mowzuklaýyn gözlegleriň, syýahatlaryň we synpdan daşary okuwyň ssenariýelerini taýýarlamagy, okuwçylar tarapyndan ýerine ýetirilýän öňdebaryjy tejribäniň seljermesiniň, önümçilikde alnan tejribäni öwrenmegiň we meseleleri çözmegiň taslamalaryny taýýarlamagy peýdalanmaly;

ä) usulyýet, mugallymçylyk we didaktiki neşirler, okuw kitaplary, görkezme esbaplar, broşýuralar, mowzuklaýyn gözlegler we öňdebaryjy tejribäniň nusgalary, elektron, ses we şekil serişdeleri ýaly şeýle degişli okuw materiallary bilen berkidilmek.

34. Hökümetler resmi däl bilime we magaryfa goldaw bermeli, sebäbi habarly raýatlaryň we habardar edilen sarp edijileriň bolmagy, ýerli "XXI asyr üçin gün tertibi" goşup, olaryň saýlamaklary we hereket etmekleri arkaly durnuklylygy üpjün etmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmegiň möhüm şerti bolup durýar.

35. Jemgyýetçiligiň habardar edilenligini ýokarlandyrmagyň maksatnamasyny goşanyňda, resmi däl bilim we magaryf wagtlaýyn geljegi goşanyňda, ýerli we uly möçberli derejelerdäki durmuş-ykdysady we ekologiki meseleleriň arasyndaky aragatnaşyklara oňat düşünilmegini üpjün etmäge gönükdirilen bolmalydyr.

36. Hökümete dahylsyz guramalar (HDG) magaryfyň we resmi däl bilimiň çäklerinde özleşdirilýän bilimleriň möhüm çeşmeleri bolup durýarlar, olar hukuklaryň we raýat jemgyýetiniň mümkinçilikleriniň giňeltmek amallaryna, şeýle hem pikir alyşmagy we maglumata düşünmek üçin ylmy bilimleriň we maglumatlaryň elýeterlige gaýtadan işlenilmegini üpjün etmäge iş ýüzünde täsir etmäge ukyplydyrlar. Hökümet bilen jemgyýetçiligiň giň toparynyň arasynda araçy hökmünde olaryň hyzmatyny ykrar etmeli, sylaglamaly we goldamaly. HDG, hökmet bilen hususy bölümçäniň arasyndaky hyzmatdaşlyk DÖB-i düýpli baýlaşdyrýar.

37. Habar beriş serişdesi – aýratyn-da çagalar we ýaşlar ýagdaýynda sarp edijileri we durmuş keşbini saýlap ugur almakda kuwwatly güýçdir. Durnukly ösüş meseleleri boýunça ygtybarly maglumat we möhüm habarlary bermek üçin olary "nou-hau" we ýaýratmak ugurlara çekmek, wezipe şundadyr.

38. Zähmetkeşleriň hemme toparlary ýerli, sebitleýin we milli derejelerde durnuklylygy üpjün etmäge goşant goşup bilerler. DÖ-e ýardam bermek bähbidi üçin bilimleri we başarnykly hünärmenler we ýolbaşçylar tarapyndan almak maksady bilen hünäre taýýarlamagyň ýöriteleşdirilen maksatnamalaryny işläp taýýarlamak durnukly ösüş biliminiň aýgytly möhüm bölekleriniň biri hökmünde kesgitlenilendir[17].

39. Şeýlelikde, hünär we üznüksiz bilim diýseň möhüm wezipäni ýerine ýetirmäge niýetlenilendir, şuňa baglylykda hem ol ýolbaşçylar we ähli hünärmenler üçin, ilkinji nobatda hem meýilleşdirmegiň we dolandyrmagyň meseleleri bilen meşgullanýanlar üçin guralmalydyr. Ol DÖ hakyndaky düşünjeleriň emele gelmegine we habardar edilenlige gönükdirilen bolmalydyr. Üznüksiz bilim iki esasy ulgama düşýär: a) bilimleriň we ýörite endikleriň derejelerini ýokarlandyrmak; b) başga bir hünär boýunça we başga bir şertlerde işlemek üçin gerekli täze hünäri ele almak. Üznüksiz okuw ulgamlaryň bir bolup, oňa bilim bölümçesi bilen gyzyklanýan taraplaryň we tutuş jemgyýetiň arasyndaky hyzmatdaşlyk amatly täsir edýär.

---

[17] Durnukly ösüşiň bähbitlerine bilimiň Onýyllygyny amala aşyrmagyň meýilnamasynyň taslamasynyň esasy düzgünleri.

40. Taýýarlygyň maksatnamalaryna DÖ-iň esasy mowzuklaryny goşmaly; olarda dürli hünärleriň hünärmenleriniň zerurlygyny we olaryň işleriniň ulgamlary üçin ol mowzuklaryň möhümligini hem-de olar üçin wagty nazara almaly. Anyk ugruň hünärmenleriniň esasy borçlar topary bilen we olaryň işleriniň durmuş-ykdysady şertlere we daşky gurşawyň ýagdaýyna täsiri bilen baglanyşykly okuw derslerine aýratyn üns bermeli.

41. DÖB-iň has durnukly jemgyýetiň gurulmagyna gönükdirilen soňraky özgertmeleriň maksatnamasyna girmegi üçin, bilimiň özi täzeden gurlan bolmalydyr. DÖB-e oňyn täsir edip biljek ylmy barlagy sylaglamaly. Meseleleri ýüze çykarmakdan tä täze bilimli işe we olary ilata we peýdalanmaga çenli ýetirmek döwürlerinde ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar babatynda gyzyklanýan taraplaryň arasynda has ýakyn hyzmatdaşlygy we aragatnaşygy ýola goýmaga zerurlyk bar, ýerli, sebitleýin we uly möçberli derejelerde ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň netijelerini alyşmagy geçirmeli we olaryň bilim ulgamynyň we adaty işiň dürli basgançaklarynda peýdalanylmagyny üpjün etmeli.

## V. AMALA AŞYRMAGYŇ GURAMAÇYLYK ESASY

### 1. Milli/döwlet derejesinde amala aşyrmak

42. Her bir ýurt şu Baş ugruň amala aşyrylmagy üçin jogapkärçilik çekýär. Bilimiň ähli ulgamynyň çäklerinde DÖ-niň ýörelgelerini peýdalanmak üçin dolandyryşyň ähli derejelerinde işjeň syýasy goldaw gerek bolýar. Şu maksat bilen hemme ýurtlara Baş ugruň ýazgylaryny öz resmi diline, zerurlyk bolanda azlyklaryň dillerine terjime etmek, şeýle hem ony häkimiýetiň degişli edaralarynyň arasynda ýaýratmak, utgaşdyryjyny bellemek hem teklip edilýär.

43. Baş ugruň netijeli durmuşa geçirilmegi bilimiň ähli derejelerinde we bilim edaralarynyň we guramalarynyň ähli görnüşleri üçin meýilleşdirmegiň, maýa goýum işleriniň we döwleti we ýerli dolandyryş edaralaryny dolandyrmagyň baş ugruna onuň düzgünleriniň girizilmegine zerurlygy döredýär. Şol bir wagtda amala aşyrmagyň amallarynda utgaşygy we beýleki degişli döwlet, iki taraply we köptaraply başlangyçlar bilen konstruktiw özara gatnaşygy üpjün etmeli. Hukuk, ykdysady we aragatnaşyk gurallar her bir döwletiň anyk

ýagdaýlaryna uýgunlaşdyrylmalydyr. Şeýlelik bilen, ýurtlar özleriniň kanunçylyklaryny, syýasy we guramaçylyk mümkinçiliklerini hasaba almak bilen degişli düzgünleri amala aşyrarlar.

44. Ýurtlara aragatnaşygyň, bilimiň görnüşleri we jemgyýetçiligiň gatnaşyşy, şeýle hem DÖB-iň çäklerinde olary yzygiderli amala aşyrmak maksady bilen halkara tebigaty goraýyş we beýleki degişli ylalaşyklarda berkidilen habarlylygy ýokarlandyrmak babatda özleriniň hereket edýän borçnamalaryny kesgitlemek gerek.

45. Bilim bölümçesinde köpsanly subýektler işleýär, olaryň işi dürli ýurtlarda dürli kadalaşdyryjy – edara ediji düzgünler bilen düzgünleşdirilýär. Ondan başga-da ol dürli durmuş derejesi bolan dürli ýaşdaky adamlara gönükdirilendir. Wezipe ynam, jemgyýetiň hemme toparlarynyň bähbitlerini hasaba almak we özara üstüni ýetirijilik, şeýle hem öz-özüňe baha bermegi sylaglamak ýörelgelerinde syýasaty kesgitlemegiň amallaryny we bilim bölümçesiniň guramaçylyk esaslaryny özgertmekde jemlenýär. Resmi, resmi däl bilim we magaryf üçin jogapkär adamyň şu Baş ugry amala aşyrmakda döwlet häkimiýetiniň beýleki degişli edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmekleri möhümdir.

46. Hyzmatdaşlygy, deň jogapkärçilige esaslanylanlygy we ähli degişli döwlet edaralarynyň esasy ornuny oýlanyşykly dolandyrmagyň möhüm usuly hökmünde ykrar etmeli we pugtalandyrmaly. Hususan-da, bilim we daşky gurşaw ministrliklerine hyzmatdaşlygy amala aşyrmak we DÖ-iň meselelerini syýasata, resmi bilim ulgamynyň ähli derejelerinde maksatnamalara we okuw meýilnnamalaryna mundan beýläk-de birleşdirmegiň inisiirlenilişi we sylaglanyşy boýunça işlere ýolbaşçylyk etmek hem-de Baş ugruň amala aşyrylyşyna baha bermegi geçirmek gerek. Şol wagtda döwlet häkimiýetiniň beýleki edaralary, gyzyklanýan taraplar, hususan-da ykdysadyýetiň ösüşine jogap berýän edaralar bilen ýakyn we netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmak gerek.

47. Baş ugry amala aşyrmagy döwlet derejesinde utgaşdyrmak, şeýle hem dürli subýektleriň gatnaşmaklary bilen maglumatlar alyşmak we hyzmatdaş birleşikleri höweslendirmek üçin usul gerek[18]. Mümkin bolan çözgütleriň biri, durnukly ösüş boýunça ýa-da dürli bölümçeleriň hünärmenlerini birleşdirýän

[18] Birnäçe ýurtlarda “bilimler bilen dolandyrmak” çemelesiş durmuşa ornaşdyryldy.

beýleki degişli edaralaryň geňeşleriniň arka durmagy bilen, “DÖB-iň milli syýasy maksatnamasyny” döretmek bolup durýar.

48. Baş ugry amala aşyrmagyň esasy elementleriniň biri hereket etmegiň milli[19] (döwlet) meýilnamalary bolmalydyr. Ýurtlara guramany bellemek hakynda karar kabul etmek gerek, oňa hereket etmegiň milli meýilnamasynyň taslamasynyň taýýarlanylyşyna jogapkärçilik ýükleniler.

49. Hereket etmegiň milli meýilnamasyny takdyryň ýörelgelerine esaslanan çemeleşmäni hasaba almak bilen işläp taýýarlamaly. Şeýlelik bilen, ähli degişli gyzyklanýan taraplary çekmegi üpjün etmeli. Ýurtda işleriň hakyky ýagdaýyny nazara almak gerek. Ähtimal, ýurtlar öz artykmaçlyklaryny we Baş ugry amala aşyrmagyň tertibini özleriniň zerurlyklaryndan, syýasatyndan we maksatnamalaryndan ugur alyp, özleri kesgitlemek işleýärler diýip, nazara alyp, şu bölümiň düzgünleri bu işde ugur almaga hyzmat edip bilerdi. Hereket etmegiň milli meýilnamalarynda wezipeleri, işleriň görnüşlerini, çäreleri, deslapky tertibi, amala aşyrmagyň serişdelerini we baha bermegiň gurallaryny göz öňünde tutmaly.

## 2. Işleriň ugurlary

***DÖB-i höweslendirmek üçin syýasatyň kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň usullarynyň we guramaçylyk esaslarynyň daýanç bolup hyzmat etmegini üpjün etmeli***

50. DÖB syýasaty, kanunçylygy, guramaçylyk esaslary we okuw meýilnamalaryny içine almalydyr we olar oňa daýanç bolup hyzmat etmelidirler. Bilimiň ähli derejelerinde DÖB boýunça esasyny düzýän resminamalaryň kabul edilmegi bu maksatlara ýetmäge açar bolup bilerdi: zerurlyk bolanda maslahatçy usullary döretmegi goşanyňda, pudagara we köptaraply hyzmatdaşlygyň ösüşini höweslendirmek; ýokary bilimiň ähli derejelerinde, aýratyn-da mugallymlary ilkibaşky taýýarlamagyň amallarynda okuw maksatnamalaryna we ýörite

[19] Döwlet dolandyrylyşy federatiw gurluşly ýurtlar üçin milli meýilnamalara ähli salgylanmalar döwletiň meýilnamalaryna ýa-da gerekli ýagdaýlarda onuň düzümine girýän subýektleriň meýilnamalaryna degişli bolýar.

ugurlara DÖ-niň ýörelgelerini goşmak; okuw mekdeplerini dolandyrmagy DÖ-e ugur almak bilen bilimiň maddy binýadyny gowulandyrmak, şeýle hem dersara nähili bolsa, ýöriteleşdirilen barlaglarda şonuň ýaly çäklerde tebigy, ykdysady, syýasy we jemgyýetçilik ylymlarynyň arasynda baglanyşygy berkitmek. Dersara, köp dersli we ýöriteleşdirilen barlaglar geçirilende ýeterlik balansy üpjün etmek gerek.

***Resmi we resmi däl bilim bermegiň we magaryfyň çäklerinde DÖ-i höweslendirmek***

51. Resmi bilimiň edaralarynyň çäklerinde, şeýle hem jemgyýetiň, maşgalanyň, habar beriş serişdeleriniň we HDG-yň üsti bilen DÖ hakynda jemgyýetçiligiň habardar edilenliginiň ýokarlandyrylmagyny höweslendirmeli.

52. Durnukly ösuş ugurda hünär endiklerini we bilimleri artdyrmak bilen yzygiderli esasda meşgullanmak gerek, şeýlelikde, olaryň bütin ömrüniň dowamynda, döwlet edara ediş, hususy bölümçe, senagat, ulag we oba hojalygy ýaly şeýle bölümçelerde işleýän adamlary goşanyňda, adamlara bilim bermegiň bölegi bolup durmalydyr. DÖ-iň baş ýörelgesine has anyk mazmuny bermek maksady bilen täze bilimleri toplamak we täze ýörite endikleri peýdalanmagyň zerurlygy ýörite bilimleriň köp ugurlarynyň üznüksiz ösüş ýagdaýynda durýanlygyna görä, öňküsi ýaly wajyp zerurlygyna galar.

53. Şu maksatlara ýetmek üçin işleriň esasy ugurlary bolup bilerdi: hünärmenler üçin, meýilleşdiriş, dolandyryş we habar beriş ugurlarda işleýän hünärmenleri goşup, üznüksiz bilimiň çäklerinde DÖ bilen baglanyşykly okuwy geçmek üçin mümkinçilikleri bermek; DÖ ugrunda habardar edilenligi ýokarlandyrmak boýunça birleşikleriň işleriniň derejesinde alnyp barylýan işleri höweslendirmek we kömek bermek; HDG bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek we bilim çygrynda olaryň işine kömek bermek; resmi bilim edaralary bilen resmi däl guramalaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy, şeýle hem aň-bilim çärelerini höweslendirmek; jemgyýetçiligiň giň toparyny çekmek bilen DÖ-iň meseleleri boýunça habardar edilişi we çekişmeleriň geçirilişi boýunça habar beriş serişdeleriniň işlerini höweslendirmek.

***Bilim bölümçesiniň işgärlerini DÖB-e çekmek maksady bilen olaryň hünärlerini ýokarlandyrmak***

54. Bilim ulgamynyň ähli derejelerindäki mugallymlarda, edara edijilerde we ýolbaşçylarda gerekli maslahatlary we kömekleri bermegi başarmak üçin durnukly ösüş bilimi hakynda öz bilimlerini artdyrmaga zerurlyk bar. Şuňa baglylykda resmi we resmi däl bilimiň ähli derejelerinde ygtyýarlylygyň derejelerini ýokarlandyrmak boýunça tagallalary etmeli.

55. Şu maksatlara ýetmek üçin esasy ugurlar bolup bilerdi: DÖ-iň meseleleri hakynda edara edijileriň habardar edilenligini ýokarlandyrmak boýunça olar üçin çäreleriň guralyşyny goşanyňda, bilim ulgamynyň işgärleriniň hünärlerini ýokarlandyrmagy höweslendirmek; DÖB ugrunda hünär bilimlerini synagdan geçirmek boýunça ölçegleri işläp taýýarlamak; resmi bilimiň edaralarynyň çäklerinde we resmi däl bilimiň şertlerinde DÖ-iň bähbidi üçin dolandyryş ulgamyny ornaşdyrmak we ösdürmek; DÖ-e degişli meseleleri bilimiň ähli derejelerindäki mugallymlary taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň maksatnamalaryna goşmak; mugallymlary, şol sanda resmi däl bilim we magaryf çygyrlarynda işleýärleri sylaglamak we tejribe alyşmagy guramak.

***DÖB üçin okatmagyň gerekli serişdeleriniň we okuw-usulyýet materiallarynyň elýeterliligini üpjün etmek***

56. Umumy ugurlarda we ýörite bilimde nähili bolsa, özbaşdak okap bilim almakda hem şonuň ýaly ähli derejelerde DÖB üçin okuw-usulyýet materiallaryny ýerli şertlere we isleglere uýgunlaşdyrmak we işläp taýýarlamak gerek.

57. Şu maksatlara ýetmek üçin esasy ugurlar bolup bilerdi: bilim ulgamynyň we hünärlere taýýarlamagyň ähli derejelerinde mugallymlar, okuwçylar, ylmy işgärler üçin, ilkinji nobatda hem ýerli dillerde okuw-usulyýet materiallaryny işläp taýýarlamagy we çap etmegi höweslendirmek; elektron, ses, şekil we multimediý serişdelerini, şeýle hem okatmak we maglumatlary alyşmak maksady bilen görkezme esbaplary işläp taýýarlamagy we peýdalanmagy sylaglamak; DÖB-e degişli serişdelere we maglumatlara elektron serişdeleriň we internetiň kömegi bilen ygtyýarlygy ýeňilleşdirmek; resmi we resmi däl bilim bermek we magaryf üçin niýetlenilen okuw-usulyýet materiallarynyň

mazmunlarynyň bir görnüşliligini üpjün etmek; maglumatlary ýaýratmagyň degişli baş ugruny işläp taýýarlamak.

***DÖB ugrunda ylmy barlaglara we DÖB-iň ösüşine ýardam bermek***

58. DÖB-iň dürli ugurlarynda, hususan-da okatmagyň netijeli usullary, baha bermegiň gurallary, durmuş kesgitlemelerini we gymmatlyklaryny, mekdep/binýadlaýyn ösüşi döretmek we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ornaşdyrmak ugrunda ylmy barlaglara we işläp taýýarlamalara zerurlyk bar. DÖB ugrundaky barlaglar we işläp taýýarlamalar DÖB-iň ösüşi üçin hemişelik esasy üpjün etmelidir.

59. Ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň netijeleri ýerli, sebitleýin we uly möçberli derejede amallara ähli gatnaşyjylaryň arasynda ýaýradylmalydyr we bilim ulgamynyň dürli basgançaklarynda peýdalanylmalydyr.

60. Şeýle meseleleri öwrenmegi we işläp geçmegi inisirlemek we sylaglamak bu maksatlara ýetmek üçin esasy ugurlar bolup bilerdi: DÖB-iň mazmuny we okatmagyň we bilim bermegiň usullary; DÖB-iň ykdysady netijesi we oňa höwesler; DÖ-iň dürli ugurlaryny birleşdirmäge mümkinçilik berýän ylmy barlaglara ilkinji nobatda üns bermek bilen ýerli baglanyşygy hasaba alyp, dürli okuw derslerine DÖ-iň jähtlerini goşmagyň görnüşleri; DÖB-iň bähbidi üçin baha bermegiň görkezijileri we gurallary; şeýle hem ylmy barlaglaryň netijelerini we öňdebaryjy tejribäniň nusgalaryny alyşmak.

## 3. Halkara hyzmatdaşlyk

61. Durnukly ösüşiň bähbitlerine bilim ugrundaky hyzmatdaşlyk aýratyn ýurtlardaky DÖB-i pugtalandyrmaga we kämilleşdirmäge ýardam etmekden başga-da özara düşünişmegi gazanmaga, Ynamy pugtalandyrmaga we medeni gymmatlyklara hormaty döretmäge ýardam edip bilerdi we şonuň bilen birlikde halklaryň we ýurtlaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary ýola goýmaga we parahatçylygy pugtalandyrmak we abadançylygy ýokarlandyrmak işine goşant goşmaga mümkinçilik bererdi.

62. DÖB ugrunda sebit derejesinde Baş ugry amala aşyrmak amallaryna syn bermäge we ýeňilleşdirmäge we hyzmatdaşlyga kömek bermäge zerurlyk bar. Birleşen Milletler Guramasynyň durnukly ösüşiň bähbidi üçin bilimiň Onýyllygyny geçirmek bilen baglanyşykly sebitleýin amallaryň çäklerinde bolup geçýän beýleki wakalary hem nazara almaly, olar DÖB ugrundaky uly möçberli başlangyçlara goşant hökmünde seredilip bilner.

63. Sebit bilim çygrynda, ilkinji nobatda hem ýokary bilim çygrynda halkara hyzmatdaşlyk ugurda uly tejribä eýelik edýär. Bilim ugrundaky birnäçe milli we sebitiçi ulgamlar, işçi toparlar we uniwersitetleriň birleşikleri, maksatnamalar we hyzmatdaş birleşikler durnukly ösüş bilen baglanyşykly meseleleriň çözgütlerini tapmak maksady bilen bilimiň köp mazmunly görnüşlerini ösdürmek boýunça işe girişdiler. DÖB sylaglamak maksady bilen olaryň tejribelerini we mümkinçiliklerini nädip has netijeli peýdalanmaly, wezipe, ine, şunda jemlenýär. DÖB baglanyşykly meseleler boýunça barlaglary geçirmek wezipeleriň ýene biri bolup durýar, ol entek halkara derejesinde ýeterlikli beýanyny tapanok. Mundan başga-da mekdebe çenli we mekdep bilimi çygrynda DÖB-iň meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmaga zerurlyk bar.

64. DÖ we DÖB bilen baglanyşykly meseleler boýunça öňdebaryjy tejribe alyşmak üçin bilim çygrynyň işgärleriniň, hususan-da döwlet gullukçylarynyň, mugallymlaryň we ylmy işgärleriň, şeýle hem beýleki gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmaklary bilen sebitleýin we sebitiçi maslahatlarynyň geçirilmegine artykmaçlykly üns berilmelidir.

65. DÖB-iň köp taraply häsiýeti mugallymlar jemgyýetçiliginiň wekillerinden başga-da hyzmatdaşlygyň başlangyçlarynda Baş ugry durmuşa geçirmek boýunça işler üçin beýleki gyzyklanýan halkara gatnaşyjylaryň çagyrylmagyny talap edýär. Bu ilkinji nobatda halkara hyzmatdaşlygyna dahylly bolýar, onuň maksady dürli derejeli hünärmenleriň we ýolbaşçylaryň bilim derejelerini ýokarlandyrmak we taýýarlamak bolup durýar.

66. BMG-niň ÝYT sebtiniň dürli böleklerinde toplanan tejribe we zerurlyklar bolan ugurda öz aýratynlyklary bar. Sebitiçi hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak gerek. Ol şu sebitiçi üçin birinji nobatdaky möhüm ähmiýeti bolan şol meseleleri çözmek boýunça bilelikdäki işleri geçirmäge mümkinçilik berer,

şonuň bilen birlikde-de ýurtlara has amatly iş netijelerini gazanmakda olara kömek berer.

67. Dürli sebitiçi zerurlyklar goşmaça baha bermegi geçirmek gerek bolýar. Ekologiki bilim we durnukly ösüş üçin bilim ugrunda olaryň esasy meselelerini çözmekde Gündogar Ýewropanyň, Kawkazyň we Merkezi Aziýanyň (GÝKMA)[20] we Günorta-Gündogar Ýewropanyň ýurtlaryna aýratyn üns bermeli. Şeýle meseleleriň hataryna kanagatlanarly okuw-usulyýet matreriallarynyň ýetmezçiligi, ýokary bilimiň we ylmy-barlag institutlarynyň mümkinçilikleriniň ýeterliksiz peýdalanylmagy, hünärli mugallymlaryň ýetmezçiligi we habardar edilenliginiň ýeterlik dälligi, şeýle hem DÖB-iň meseleleri boýunça pudagara we köp taraply hyzmatdaşlygyň ösüşiniň ýeterlik dälligi degişlidir. Oba etraplarynda ýaşaýan çagalara berilýän bilimiň hiliniň kanagatlanarly dälligi, şol sebitlerde DÖB-i ösdürmek üçin maliýe we adam serişdeleriniň ýetmezçiligi hem Günorta-Gündogar Ýewropanyň we GÝKMA-nyň ýurtlarynda çözülmeli meseleleriň ýene biri bolup durýar. Şeýlelikde, DÖ ugrunda mümkinçilikleriň artdyrylmagy we bilim, ylmy-barlag we maglumat wagyz-nesihat maksatnamalaryna maliýe kömegi we goldaw berilmegi geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda möhüm mesele bolup ykrar edilen bolmalydyr we hökümetler, degişli guramalar we donorlar tarapyndan degişli ünsden peýdalanylmalydyr[21].

68. Esasy ugurlar bolup bilerdi: dowam edýän sebitleýin we sebitiçi birleşikleri we DÖB ugrunda işleýän ulgamlary pugtalandyrmak, tejribe alyşmak maksatnamalaryny we ikitaraply hyzmatdaşlygy we hyzmatdaş birleşikleri sylaglamak; hereket edýän halkara hukuk taýdan borçlandyrýan resminamalary gerekli bolan ýagdaýda, hususan-da DÖ hakynda habardar edilenligi ýokarlandyrmaga gönükdirilen Orhus konwensiýasyny we beýleki degişli ylalaşyklary peýdalanmak; öňdebaryjy tejribe we tejribe, täzelikler hakynda we milli tejribe we DÖB-e degişli, mysal üçin IKT-yň serişdelerini we

---

[20] Şonuň ýaly-da seret: BMG-niň ÝYT sebtiniň tebigaty goraýyş hyzmatdaş birleşigi: Gündogar Ýewropanyň, Kawkazyň we Merkezi Aziýanyň ýurtlarynyň ekologiki Baş ugry. Möhüm çäkler: "Ýewropa üçin daşky gurşaw" ministrleriniň bäşinji Konferensiýasy, Kiýew, 2003-nji ýyl.

[21] Durnukly ösüş boýunça ýokary derejedäki Bütindünýä duşuşygynyň kararlaryny ýerine ýetirmegiň meýilnamasyna hem seret.

BMG-niň ÝYT-niň websaýtyny peýdalanmak ýoly bilen, meseleleri çözmek boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmegiň taslamalary hakynda maglumatlary alyşmaga ýardam bermek; DÖB-i degişli ikitaraply we köptaraply maksatnamalara goşmak; HDG-yň we beýleki iri birleşikleriň DÖB boýunça halklara hyzmatdaşlygyna gatnaşmaklaryny hem sylaglamak; DÖB ugrunda habardar edilenligi ýokarlandyrmaga gönükdirilen halkara çäreleriniň utgaşdyrylmagyny-da sylaglamak; tejribe alyşmagy-da sylaglamak.

69. Sebitleýin derejede dolandyryşyň we gatnaşyklaryň netijeliligini üpjün etmek üçin BMG-niň ÝYT-niň ähli agza döwletlerinde we degişli halkara guramalarynda DÖB boýunça utgaşdyryjylary bellemeli. Bilimiň we daşky gurşawy goramagyň bölümçeleriniň (ýa-da beýleki degişli bölümçeleriň) wekillerinden düzülen ýolbaşçylyk ediji komitet Baş ugruň amala aşyrylyşy boýunça soňraky işleri geçirmek üçin dörediliр bilnerdi. “Ýewropa üçin daşky gurşaw” amalynyň usulyny DÖB boýunça sebitleýin hyzmatdaşlyk üçin syýasy hyzmatdaşlyk maksatnamasy, BMG-niň ÝYT-niň ekologiki syýasat baradaky komitetini bolsa komitetiň işiniň maksatnamasyna laýyklykda Baş ugruň amala aşyrylyşynyň barşyna seretmegiň edarasy hökmünde peýdalanyp bolardy.

70. Ministrler özleriniň “Ýewropa üçin daşky gurşaw” konferensiýalarynda ähtimal, milli we beýleki degişli nutuklaryň esasynda Baş ugruň amala aşyrylyşy boýunça işlerin barşyny ara alyp maslahatlaşmak maksada laýyk diýip hasaplarlar. Şular bilen bir hatarda ekologiki işleriň netijeliliginiň synyna degişli ýurtlaryň DÖB ugrundaky tagallalarynyň seljermesini goşmak bolar.

## 4. Jogapkärçiligiň wezipeleri we çäkleri

71. Wekillere öz ýurtlarynda Baş ugry durmuşa geçirmegi sylaglamak we ýardam bermek işinde işjeň hyzmaty ýerine ýetirmek gerek. Olar dolandyrmagyň ähli derejelerinde Baş ugry amala aşyrmagyň barşyna yzygiderli esasda gözegçilik etmelidirler we baha bermegi geçirmelidirler.

72. Bilimiň ýerli dolandyryş edaralaryna we bilimiň resmi guramalaryna Baş ugruň degişli düzgünleriniň amala aşyrylyşyna jogapkärçiligi we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi öz üstlerine almak teklip edilýär.

73. Degişli gyzyklanýan taraplara, dolandyryşyň ýerli edaralaryny, bilimiň we ylymyň bölümçelerini, saglygy goraýyş bölümçesini, hususy bölümçäni, senagaty, ulagy we oba hojalygyny, kärdeşler arkalaşyklaryny, habar beriş serişdelerini, hökümete dahylsyz guramalary, dürli birleşikleri, ýerli halky we halkara guramalary goşup, Baş ugruň amala aşyrylmagy üçin özleriniň artykmaçlyklaryny we jogapkärçiligiň çäklerini kesgitlemegi we soňraky çäreleri geçirmegi teklip etmeli.

### 5. Maliýeleşdirmek

74. Baş ugruň amala aşyrylyşy boýunça işleriň ýeterlikli maliýeleşdirilmegini üpjün etmek ony üstünlikli durmuşa geçirmegiň deslapky möhüm şerti bolup durýar. Baş ugruň maksatlaryna ýetmek üçin gerekli, ol goýumlaryň özüni ödemekligi üpjün etmegiň hem amala aşyrylyşy boýunça çäreler üçin harajatlara takyk baha bermek üçin jemgyýetiň syýasaty we DÖ-i tejribesi bilen tanyşmak amallarynda bilimiň gymmatyna düşünmegiň uly ähmiýeti bardyr. Bilime uzak möhletli geljekde özüni ödeýän goýum hökmünde garamaly.

75. Şu Baş ugruň amala aşyrylmagyna çykdajylary, düzgün bolşy ýaly, her bir ýurt çekmelidir. Şuňa baglylykda hökümetler zerur serişdeleriň bolmagyny üpjün etmeli. Teklip edilýän çäreleriň köpüsi eýýäm bilim bölümçesinde geçirilýän işleriň çägine utgaşyp bilerdi. Birnäçe çäreleri sebitiçi we sebitleýin taslamalar görnüşinde amala aşyrmak ýeňil bolardy.

76. Bilimiň ähli görnuşleriniň çäklerinde DÖB-i maliýeleşdirmek üçin, DÖB ugurda talyp haklaryny bellemeleri we bilim edaralarynda mümkinçilileri artdyrmagy goşup, hökümetlere býujet we ykdysady höwesleri peýdalanmak baradaky meselä seretmek gerek. DÖB-iň bölekleriniň degişli ikitaraply we köptaraply maksatnamalara goşulmagy üçin tagala etmek gerek. Hyzmatdaş birleşikleriň döredilmegi ähtimal, olary halkara maliýe edaralaryndan we hususy bölümçeden, şol sanda pul däl görnüşinde kömek almaga höweslendirmeli. Baş ugry amala aşyrmagyň ilkinji döwründe sebtiň birnäçe böleklerine, hususan-da, GÝKMA-nyň we Günorta-Gündogar Ýewropanyň ýurtlaryna berilýän maliýe kömegi juda möhümdir we ol ýurtlara bu amallary başlamaga kömek eder.

## 6. Amala aşyrmagyň tertibi we baha bermek

77. Baş ugruň amala aşyrylyşyna baha bermegi geçirmek üçin wagtlaýyn çäkleri kesgitlemeli we degişli görkezijileri işläp taýýarlamaly. DÖ-iň bähbidi üçin adamlaryň hereket etmek mümkinçiliklerini giňeltmek bilimiň hili hakyndaky meselä we olary hasaba almagyň netijelerine syrygýar. DÖ-niň jähtlerini bilimiň ähli görnüşlerine we ähli derejelerine ornaşdyrmak uzak möhletli amal bolup durýar we şeýlelikde, netijelere baha bermegi diňe uzak möhletli geljekde geçirip bolar.

78. Baş ugry durmuşa geçirmäge üzüksiz amallar hökmünde seretmeli. Onuň durmuşa geçirilişiniň barşyna baha bermegi ýeňilleşdirmek üçin olar bilen bile ony amala aşyrmagyň üç döwrüni göz öňünde tutmak teklip edilýär:

a) I döwür (2007-nji ýyla çenli): başlangyjy amala aşyrmak üçin berk esaslary döretmek, her bir ýurduň onuň eýýäm geçirýän, Baş ugruň çäklerine utgaşýan işini kesgitlemek üçin maslahat berilýär. Muňa häzirki syýasata, hereket edýän hukuk we guramaçylyk esaslara, bilim ulgamynda maliýeleşdirmegiň we çäreleriň usullaryna seretmek, şeýle hem islendik päsgelçilikleri ýa-da kemçilikleri ýüze çykarmak degişli bolýar. Kemçilikleri düzetmek maksady bilen ýagdaýlary düzetmek boýunça çäreleri göz öňünde tutmaly we hereket etmegiň degişli milli meýilnamasynyň taslamasyny taýýarlamaly. DÖB-i amala aşyrmaga baha bermegiň usullaryny we görkezijilerini, hususan-da hil ölçeglerini işläp taýýarlamak gerek. Ministrler özleriniň “Ýewropa üçin daşky gurşaw” Konferensiýalarynda Baş ugra öz wepalylyklaryny görkezip, onuň üstünliklerini belläp, meselelerini we aladalaryny pikir alşyp, şeýle hem özleriniň milli/döwlet baş ugurlarynyň durmuşa geçirilişiniň barşy hakynda nutuklary hödürläp bilerdiler.

b) II döwür (2010-njy ýyla çenli): degişli ýagdaýlarda, Baş ugruň düzgünleriniň iş ýüzünde durmuşa geçirilişi doly güýji bilen gitmelidir. Şuňa baglylykda ýurtlara özleriniň degişli milli/döwlet baş ugurlarynyň amala aşyrylyşynyň barşyna syn bermegi geçirmek gerek.

ç) III döwür (2015-nji ýyla çenli we ondan aňry): ýurtlar DÖB-i amala aşyrmakda düýpli ösüş gazanmaga çalyşmalydyrlar.

79. Baş ugry amala aşyrmagyň amallaryna gönükdirilen baha bermegi geçirmäge, onuň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmegiň görkezijilerini kesgitlemäge hem ýardam bermek maksady bilen birnäçe meselelere seretmeli. Olara, hususan-da, şeýle bölümler degişli bolýar: Baş ugruň amala aşyrylmagyny höweslendirýän baştutanlary we utgaşdyryjylary kesgitlemek; syýasy usullar, kadalaşdyryjy-hukuk binýat we guramaçylyk esaslar Baş ugruň daýanjy hökmünde; hökümetara we köptaraply hyzmatdaşlygyň we özara kömek gatnaşyklarynyň çäkleri; resmi bilimiň okuw meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň möhümligi; DÖ-iň meseleleri boýunça işgärler, hususan-da mugallymlar üçin ilkibaşky we üznüksiz taýýarlyk; DÖB üçin okuw serişdeleri we okuw usulyýet gollanmalary; DÖB boýunça barlaglar we işläp taýýarlamalar; resmi däl bilimi we magaryfy ösdürmek; şeýle hem habar beriş serişdelerini çekmek we okuwçylara täsir etmek.

* * *

<u>Bellik</u>

Maglumat üçin iki sany sorag-jogap resminamasy hödürlenilýär: olaryň birinjisinde DÖ-bähbidi üçin bilim ulgamynda geçmişdäki we häzirki halkara amallar beýan edilýär (SEP/FC.13/2004/8/Add.1), ikinjisinde bolsa Baş ugurda ulanylýan birnäçe adalgalar takyklanylýar (SEP/FC.13/2004/8/Add.2).

-------

Translate of Russian to national language Muhammetgurban Orazow,
member of the Steering Committee, national coordination of Turkmenistan.
993 12+39-85-94, 20-06-58 of., 26-09-72 h., m.orazow@mail.ru